# Taryhy romanlaryñ söhbeti

Category: Edebiýaty öwreniş,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Taryhy romanlaryñ söhbeti TARYHY ROMANLARYÑ SÖHBETI

Şanly geçmişimiziň şaýady bolan milli medeniýetimiz, onuň gudraty, keramaty barada näçe gürrüň etseň hem azdyr. Kämil ruhly täze türkmen jemgyýetiniň şu gününiň we geljeginiň ata-babalarymyzyň ynsanperwerligini, tämiz ahlagyny, dünýewi pelsepesini, ynsan we durmuş hakdaky iň ajaýyp pikir-garaýyşlaryny özüne siňdiren medeni mirasymyzdan, edebi eserlerimizden gözbaş almalydygyny nygtaýar. Hut şonuň üçin hem edebi mirasymyzy, taryhymyzy täzeden öwrenmek diňe bir ata-babalarymyzyň taryhy şöhratyny dikeltmek üçin däl, beýik geljegimizi döretmek, Watanymyzy özgertmek üçin hem zerurdyr.
Türkmen edebiýaty häzirki wagtda ýurdumyzyň ösüşleriniň waspyny edýän eserler bilen bir hatarda, taryhyň dürli döwürlerinden gürrüň berýän taryhy romanlaryň ençemesi bilen baýlaşdy.
Ýazyjylar Atajan Taganyň «Taryhyň kelamy», Owadan Gurdowanyň «Nusaý» Myratdurdy Haşaýewiň «Ýedi müň çakrym» romanlary şeýle eserlerdir.

- **«Taryhyň kelamy»**

Ýazyjy Atajan Taganyň «Taryhyň kelamy» romanynda türkmen taryhynyň iň bir kynçylykly döwri bolan XIX asyryň wakalary çeper beýan edilýär. Eserde türkmen halkynyň ýazylyp-ýaýrap ýaşamaga mümkinçiligi bolman, göçüpgonup ýaşan zamanasynda olaryň erkinlik ugrunda, garaşsyz döwlet bolmak ugrunda alyp baran göreşleriniň bir pursady öz beýanyny tapypdyr. «Taryhyň kelamy» romanynyň başynda ýazyjy fransuz kapraly Gulli bef-de Blokwiliň Gowşut han baradaky aýdanlaryny taryhy maglumat hökmünde ýöne ýere ýatlamaýar. Ol şunuň bilen romanyň baş gahrymany Gowşut hanyň taryhy şahsdygyny nygtamak isleýär. Romanda Gowşut handan başgada, Hojam Şükür han, Täçgök serdar,

Mollanepes, Kelhan Kepele ýaly belli taryhy şahsyýetler hereket edýärler.
Eseriň baş gahrymany Gowşut han akylly-parasatly, ugurtapyjy, düýrmegi bilen halkyň hyzmatyna berlen adam hökmünde suratlandyrylýar. Ol şeýle häsiýetleri bilen halkyň ynamyny gazanypdyr. Halk oňa ynanýar we ony baş han saýlaýar. Gowşut hanyň pähim-parasatlylygy, ugurtapyjylygy hem gaty synçy häsiýeti, onuň han saýlanmaga teklip edilen pursadyndaky wakalaryň üsti bilen aýdyňlaşyp başlaýar. Öňki baş han Hojam Şükür ýaş wagty öz ugurtapyjylygy, gaýratlylygy bilen halkyň rahat ýaşamagyny gazanan hem bolsa, indi ýaşy birçene baryp, garrap ugransoň, halkyň durmuşynda gabat gelen meseleleri parasatly çözmän, diňe halka şükür edip ýaşamagy teklip etmek bilen oňýar. Köpçülik Gowşut hany han saýlamagy teklip edýär. Gowşut han bu uly jogap kärçiligi birbada boýun almagy kyn görýär, ýaýdanýar. Emma Täçgök serdar, Oraz ýagly, Mollanepes ýaly pähim-parasady, batyrlygy bilen ilgünüň ýagşysyna ýarap ýören, köpügören şahsyýetleriň goldamagy bilen, han saýlanmaga razy bolýar. Romanda bu waka şeýle suratlandyrylýar:

*« – Eger siz unasaňyz, menem razylaşmaly bolaryn. Agyňyza bile aglap, şat günüňiz şatlanaryn…*
*– Biz unaýas!*
*– Jemagat seni goldaýa!*
*Gowşut täze gamyşly ak öýe tarap elini salgady:*
*– Onda, hol, iki sany ak öýi görýäňizmi?*
*– Görýäs.*
*– Hanyň öýi.*
*– Hojam Şükür hanyň öýi.*
*– Görýän bolsaňyz– diýip, Gowşut dowam etdi. – Görýän bolsaňyz, gamşy bilen durlugyny aýryň-da, şol öýi getirip, meniň üstümde dikiň!»*

Gowşut hanyň bu teklibine köpçülik geň galýar. Emma Hojam Şükür hanyň öýüni göçürmek üçin ellä golaý ýigit taýyn bolýar. Bir ýeke murty jaýtaryp duran ýigit bu teklibe garşy bolýar. Gowşut han ýigitlere: «Öý göçürmek möhümi bitdi hasap edýäs,

goçaklar. Işiňiz rowaç bolsun!» diýýär. Gowşut han bu teklip bilen halkynyň özüne ynanyp, yzyna düşjeklerinidüşmejeklerini, buýruklaryny bir agyzdan ýerine ýetirip-ýetirmejeklerini synagdan geçirmek isleýär.
Romanda Gowşut hanyň beýik adamkärçiligini, synçylygyny, gaýduwsyzlygyny, şeýle hem, her bir meseläni il bähbidine tiz çözmegi başarýan ugurtapyjylygy dürli wakalaryň üsti bilen beýan edilýär. Onuň şir ýürekli gaýduwsyz häsiýeti Mädemin han bilen bolan duşuşygyndaky gürrüňlerinde ýüze çykýar.

## ■ «Nusaý»

Garaşsyzlyk döwrümiziň edebiýaty taryhyň dürli döwürlerinde halkyň durmuşynda bolup geçen uly wakalardan söz açýan iri göwrümli eserler bilen barha baýlaşýar. Owadan Gurdowanyň «Nusaý» romanynda miladydan öňki II asyryň taryhy wakalaryndan söz açylýar. Roman nusaýlylaryň öz ýurdy, halkyň erkinligini goramak üçin eden gahrymançylykly söweşleri barada söhbet açýar. Eserde Nusaýda ýerleşýän Oýgala galasynyň il agasy Eýmir, onuň aýaly Bulak, gyzy Meý we mert ýigit Aba ýaly gahrymanlar hereket edýär. Eserde Rim serkerdesi Mark Lisiniý Krassyň miladydan öňki II asyryň 54nji ýylynda Parfiýa döwletini basyp almak üçin eden ýörişiniň şowsuz tamamlanmagy we şol şowsuzlygyň sebäpleri yzarlanýar. Özüne aşa göwni ýetýän, ulumsy serkerde Mark Lisiniý Krassyň açgözlügi, şöhratparazlygy gaýduwsyz nusaýlylardan ýeňilmegine getirýär. Romanda Oýgalada ýaşaýan nusaýlylar zähmetsöýer, adamkärçilikli, parahatçylykly ýaşaýşyň goragçylary ýaly ajaýyp häsiýetleri bilen tapawutlanýarlar.

## ■ «Ýedi müň çakrym»

Türkmen edebiýatynyň taryhyna seredeniňde, halkynyň milli buýsanjy bolan türkmen bedewiniň waspyny ýetirýän kyssa eserleriniň ençemesi bar. Bagtyýarlyk döwrümizde türkmen bedewiniň hem geçmişdäki we häzirki şöhratyndan gürrüň açýan eserleriň giden bir ulgamy döredildi. Şeýle eserleriň biri-de, ýazyjy Myratdurdy Haşaýewiň «Ýedi müň çakrym» atly uly

göwrümli taryhy romanydyr.
M.Haşaýewiň «Ýedi müň çakrym» atly bu romany XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başlarynda bolup geçen wakalardan söz açýar. Romanda beýanyny tapan wakalaryň ýaýrawy dünýäniň köp bölegini öz içine alýar. Eser akylly, okumyş, şol bir wagtyň özünde-de sadadan türkana, asylly hem adalaty goldaýan türkmen ýigidi Sähediň we türkmen bedewiniň başyndan geçiren wakalaryndan söz açýar. Sähet Kesearkaçda dünýä inýär. Türkmen maşgalasynda ýetginjek ýaşa çenli terbiýelenýär. Soňra Bagdatda, Şamyň paýtagty Damaskda bilim alýar. Ykbal nesibesi ony köp ýerlere aýlaýar. Türkmen ýigidi dürli ýurtlarda dürli kynçylyklar bilen ýüzleşýär. Emma guýmagursak zehini, ugurtapyjylygy, erjelligi we maksada okgunlylygy bilen durmuşda gabat gelen kynçylyklardan baş alyp çykmagy başarýar.
Ykbal Sähedi nesibesi dartyp, uzak Prusiýa topragyna düşen türkmen aty bilen duşurýar. Bu bedewiň keç ykbaly Sähedi öz erkine goýmaýar. Ol dogduk mekanyndan aýrylyp, uzak ülkelerde horlanan türkmen bedewini yzarlap tapmagy we ony halas edip, ata ýurduna getirmegi ýüregine düwýär. Bu pikirniýeti Sähedi prus korolynyň teblehanasyna getirýär. Ýewropa saýsebäp bilen düşen türkmen atynyň düşbüligine, syrdamdan owadan keşbine bütin iliň syny oturýar. Sähediň bedew aty halas etmek üçin ömrüniň ençeme ýylyny özge ýurtda geçirmegi, ençeme kynçylyga döz gelmegi watansöýer hem maksada okgunly türkmen ýigidiniň ajaýyp keşbini göz öňüňde janlandyrýar. Onuň her ädiminde öz ataenesini, dogduk obasyny ýatlaýandygy we küýseýändigi muny doly tassyklaýar.
Romanda hereket edýän gahrymanlaryň her biriniň häsiýe tindäki özboluşly aýratynlyk çeper suratlandyrylýar. Olaryň häsiýetindäki aýratynlyklar, milli häsiýet her dürli wakalaryň içinde aýyl-saýyl edilýär. Eseriň her bölüminiň başynda tutuş mazmunyny aňladýan ganatly jümleleriň, nakyllaryň goýulmagy onuň çeperçiligini artdyrýar.
Eseriň baş gahrymanlarynyň biri-de, Sähediň kakasy Gurbanýaz argyşçy. Ol argyşa gidip, söwdasatyk bilen meşgullanýan parasatly, iligüni üçin eli hem, göwni hem açyk ynsan. Ýaşu lularyň maslahatynda agzybirlik öňe sürlüp, deň deprenmek

meselelerinden başga-da, halkyň sowatlylygyny artdyrmak maksady bilen, ylym-bilimiň ösen ýurtlaryna, dünýäniň abraýly medreselerine iliň içinden birnäçe ýaş ýigidi ugratmak barada maslahat edilýär. Şol saýlanan oglanlaryň içinde Gurbanýaz argyşçynyň ogly Sähet we onuň dosty Gurtmyrat hem bar. Jemlenilen on-on bäş sany ýetginjegi Arabystanyň medreselerine äkitmek Gurbanýaz argyşça tabşyrylýar. Ýeke ogluny öýlendirip, agtyk söýmegi arzuwlaýan Sadap daýza oglunyň uzak ýurtlara gitmegini islemeýär. Emma okamaga, dürli dilleri öwrenip, ylym-bilim almaga höwesek Sähet öz maksadyndan dänmeýär. Şeýlelik bilen, Gurtmyrat ikisi Damaska gelýärler. Olar tatar mollasy Resul hajynyň elinde ylym öwrenip başlaýarlar. Ýazyjy Resul hajynyň keşbinde musulman jemagatynyň arasynda abraýy beýik ulamalaryň keşbini janlandyrypdyr. Bu hajynyň abraýmertebesi Sähediň köp kynçylyklardan geçip, sag-aman ýurduna gelmegine ýardam edýär.

Romanda Gurbanýaz argyşçynyň keşbine uly orun berilýär. Ol öz halkyny söýýän, ilgünüň aladasy bilen ýaşaýan, nesilleriniň watansöýüji, il-güne ýaramly ynsanlar bolup ýe tişmekleri barada aladalanýan atanyň, milli häsiýetli türkmen ýaşulusynyň keşbini özünde jemleýär.

Biz geçmişde halkymyzyň edep’terbiýe ýolunyň gözbaşynyň arassa ahlak sypata, sagdyn ruha ýugrulandygyny bilýäris. Ata-babalarymyzyň nesillerine edep-terbiýe bermek kadasyna inçelik bilen çemeleşendigine-de akyl ýetirýäris. Pederlerimiz öz perzentlerini süňňi halal, päk ahlakly, ynsaply, adamkärçilikli, halaly haramdan saýlamagy başarýan, işeňňir, edep-ekramly, ar-namysly, watansöýüji ynsanlar edip terbiýeläp ýetişdirmek üçin ellerinden gelenini gaýgyrmandyrlar. Olaryň gadymdan miras goýan bu terbiýe mekdebi häzirki günde hem beýik nusgalykdyr. Romanda Gurbanýaz argyşçynyň, Annanur serdaryň keşbinde şeýle häsiýetleri görmek bolýar. Olaryň keşbinde jemlenen bu häsiýetler nesilleriniň geljegi üçin uly alada edýän, pähimparasatly, ynsanperwer türkmen ýaşulusynyň milli häsiýeti açylýar. Şeýle atadan terbiýe alan Sähediň ynsanperwerlik, adalatyň tarapdary bolmak, adamkärçilik, kösenene kömek bermek, mertlik, gaýduwsyzlyk, maksada

okgunlylyk häsiýetleri oňa özge ýurtlarda-da adamlaryň ynamyny gazanyp, olaryň söýgüsine mynasyp bolmagyna getirýär. Hut şu häsiýetleri üçin alman grafy öz gyzy Kristinanyň oňa durmuşa çykmagyna razylyk berýär. Eseriň ahyrynda Sähediň yhlasy ýerine düşýär. Ol ýaş gelni we türkmen bedewi bilen öz dogduk obasyna dolanyp gelýär.
Eserde Sähediň keşbinde arassa ahlakly, watansöýüji türkmen ýigidiniň milli häsiýeti janlanýar. Ol haýsy ýurtda, haýsy jemagatyň içinde bolsada, öz ýurduna bolan söýgüsi, türkmen häsiýeti bilen ýaşaýar. Onuň milli häsiýetleri dürli wakalaryň içinde aýdyňlaşdyrylýar. Eserde türkmen durmuşy we milli däp-dessurlary öz ajaýyplygy bilen çeper beýanyny tapýar.
Agzalan romanlarda öz beýan edilýän wakalar, çeper keşpler türkmen halkynyň geçmiştaryhyna, beýik şahsyýetlerimiziň öňde goýan maksatlaryna göz ýetirmäge uly mümkinçilik berýär. Bu bolsa täze taryhy eýýamda ýaşaýan, gurýan we döredýän nesil-lerimizi atalaryň ruhy siňen milli ýol-ýörelgelerimiziň mysalynda terbiýelemek işinde nusgalyk hyzmata eýe bolan çeper edebiýatymyzyň gadyr-gymmatyny has-da belende göterýär.

Oguljahan SOPYÝEWA,
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy. Edebiýaty öwreniş